# Täjigistan we Türkmenistan Ýewropa uzaýan multimodal geçelgäni ösdürýär

Täjigistanyň ulag ministri Azim Inrohim degişli bölümlere «Hytaý – Täjigistan – Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Türkiýe – Ýewropa» multimodal geçelgesinde synag demirýol otlusyny guramak hakynda görkezme berdi. Bu barada ministrligiň metbugat gullugynyň maglumatyna salgylanýan «Trend» habar berýär.

Şeýle-de ministr demir ýol wagonlaryny we lokomotiwleri täzelemegiň, pudagy sanlaşdyrmak boýunça işleri güýçlendirmegiň, Eýranyň Çabahar portuny goşmak bilen logistika merkezlerini gurluşygynyň, ýük we ýolagçy gatnawynyň göwrümini giňeltmegiň, onuň hilini kämilleşdirmegiň, şeýle-de täze üstaşyr demirýol ugurlarynyň gurluşygynyň zerurdygyny aýtdy.

2023-nji ýylyň maý aýynda Duşanbe şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň hem-de Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmonyň arasyndaky duşuşykda ulag pudagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugry hökmünde görkezildi.Duşuşygyň barşynda «Hytaý – Täjigistan – Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Türkiýe» multimodal geçelgelerini özünde jemleýän täze halkara ulag geçelgelerini döretmäge hem-de olaryň netijeliligi ýokarlandyrmaga aýratyn ähmiýet berildi.

Все права защищены